# *Amerikanyň Birleşen Ştatlarynda Maşgala zorlugynyň pidasy bolan immigrantlar üçin bar bolan kanuny hukuklar we nika esasly wiza laýyklykda immigrasiýa barada maglumatlar*

**Maksady:**
Immigrantlaryň köpüsi iňlisçe bilmeýändigi, köplenç maşgalasyndan we dostlaryndan aýry bolandygy we Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň kanunlaryna düşünip bilmeýändikleri sebäpli aýratyn gowşakdyrlar. Şu sebäpden, immigrantlar köplenç maşgala zorlugy barada polisiýa habar bermekden ýa-da kömegiň başga görnüşlerini gözlemekden çekinýärler. Şunuň ýaly gorkular köp sanly immigrantlaryň zorlukly gatnaşyklara dowam etmegine sebäp bolýar.

Şu kitapça maşgala zorlugy barada düşünje we Amerikanyň Birleşen Ştatlarynda siziň kanuny hukuklaryňyz barada maglumat berer. Halkara Nika Araçylygyny Kadalaşdyrmak Kanuny (IMBRA) Amerikanyň Birleşen Ştatlaryna immigrasiýa edýän ABŞ-nyň raýatyna öýlenýän ýigitleriň/durmuşa çykýan gyzlaryň we ýanýoldaşlaryň özleriniň kanuny hukuklary, şeýle hem olaryň öýlenýän ýigitleriniň/durmuşa çykýan gyzlarynyň we ýanýoldaşlaryň jenaýatçylykly geçmişi barada habardar edilmegini talap edýär. IMBRA -nyň maksatlarynyň biri Amerikanyň Birleşen Ştatlaryna immigrasiýa edýän öýlenýän ýigitlere/durmuşa çykýan gyzlara we ýanýoldaşlara immigrasion prosses barada hem-de olaryň gatnaşyklary kemsidiji häsiýete eýe bolanynda nädip kömek almadygy barada  anyk maglumat bermekdir.

**Maşgala zorlugy näme?**
Maşgala zorlugy bu haçanda jynsy gatnaşykdakylaryň ýa-da ýanýoldaşlaryň biriniň beýleki tarapa howp salmagy ýa-da zorlukly hereket etmegidir. Zorlukly hereket öz içine fiziki zyýan bermekligi, jynsy gatnaşyklara zor salmaklygy, emosional manipulýasiýany (şol sanda üzňe saklamak we gorkuzmak), ykdysady we/ýa-da immigrasiýa bilen bagly howp salmalary alyp biler. Maşgala zorlugynyň hasaba alnan işleriň köpüsiniň erkekleriň zenanlara we çagalara zor salmagy bilen baglydygyna garamazdan, erkekler hem maşgala zorlugynyň pidasy bolup bilýär.

Maşgala zorlugy öz içine jynsy zorlugy, çagalara gödek daralmagyny we beýleki zorlukly jenaýatlary alyp bilýär. <u>Jynsy zorluk</u> bu siziň hatda ýanýoldaşyňyz bilen hem razy bolmadyk hem-de islendik adam tarapyndan amala aşyrylyp bilnen jynsy gatnaşyklaryň islendik görnüşidir. <u>Çagalara gödek daramak</u> şulary öz içine alýar: fiziki zorluk (tötänleýin bolmadyk islendik şikes, şol sanda aşa jeza bermek), fiziki biperwaýlyk (iýmit, ýaşaýyş jaýyny, lukmançylyk hyzmatlaryny ýa-da ideg bermezlik), jynsy zorluk we emosional zorluk (howp salma, söýgi we goldaw bermezlik, ugur görkezmelik).

Islendik şertlerde maşgala zorlugy, jynsy zorluk we çaga gödek daramaklyk Amerikanyň Birleşen Ştatlarynda kanundan daşarydyr. Amerikanyň Birleşen Ştatlaryndaky islendik adam (onuň urugyna, teniniň reňkine, dinine, jynsyna, ýaşyna, etniki gelip çykyşyna ýa-da imigrasion statusyna garamazdan) zor salynmakdan goralmagy kanun esasynda kepillendirlendir. Maşgala zorlugynyň islendik pidasy – immigrasion ýa-da raýatlyk statusyna garamazdan – kömek üçin ýüz tutup biler. Maşgala zorlugynyň pidasy bolan immigrant immigrasion goraglylyga degişlidir.

Eger-de siz öýüňizde maşgala zorlugyna sezewar bolýan bolsaňyz, siz ýalňyz dälsiňiz. Şu kitapça, siziň ABŞ-nyň kanunlaryna düşünmegiňiz we kömek üçin nädip ýüz tutmalydygyňyzy bilmegiňiz üçin niýetlenendir.

**Amerikanyň Birleşen Ştatlarynda maşgala zorlugynyň pidalrynyň kanuny hukuklary haýsylar?**
Amerikanyň Birleşen Ştatlaryndaky ähli adamlar, olaryň immigrasion statusyna ýa-da raýatlygyna garamazdan, hem raýat hem-de jenaýat kanunçylygyna laýyklykda esasy goraglar bilen kepillendirilýär:

- Özüňize we çaga(lary)ňyza gorag orderini almak hukugy.
- Ýanýoldaşyňyzyň razylygy bolmazdan kanuny aýrylaşdyrylmak ýa-da aýrylyşmak hukugy
- Nikalaşanlaryň belli bir emlägi bilelikde ulanmak hukugy. Aýrylyşan ýagdaýyňyzda, kazyýet siziň bilelikde eýeçilik edýän ähli emläkleriňizi we maliýe serişdeleriňizi bölüp berer.
- Çagaňyza hossarlyk etmegi we maliýe goldawynyň berilmegini talap etmek hukugy. 21 ýaşdan kiçi bolan çagalaryň ene-atalary, köplenç ýagdaýda ýanynda ýaşamaýan islendik çagasy üçin aliment tölemäge borçludyrlar.

Şu maşgala hukuklarynyň haýsysynyň size täsir edýändigini ýa-da kömek edip biljekdigini bilmek üçin immigrantlar bilen iş salyşýan maşgala hukukçysy bilen maslahatlaşyň.

ABŞ-nyň kanunçylygyna laýyklykda jenaýatyň islendik pidasy, onuň immigrasion statusyna ýa-da raýatlygyna garamazdan, kömek üçin polisiýa ýüz tutup biler ýa-da gorag orderini alyp biler.

Özüňize ýa-da çagaňyza howp abanan ýagdaýynda 911 belgisinden polisiýa jaň ediň. Polisiýa siziň öýlenýän ýigidiňiz/durmuşa çykýan gyzyňyz, ýanýoldaşyňyz, partnýoryňyz ýa-da

başga bir şahsyýet jenaýat işini edendir diýip hasaplan ýagdaýynda ony tussag edip biler. Siz bolup geçen islendik zorluklar barada, olar geçmişde bolup geçen hem bolsa, polisýa aýtmalysyňyz we islendik şikesleri görkezmelisiňiz. Immigrasion statusyna ýa-da raýatlygyna garamazdan, islendik adam jenaýat barada habar berip biler.

Edil şonuň ýaly hem, eger-de maşgala zorlugynyň pidasy bolan bolsaňyz, gorag orderi üçin kazyýete ýüz tutup bilersiňiz. Kazyýet tarapyndan çykarylan gorag ýa-da gadagan ediji order, sizi kemsiden adamyň size, çaga(lary)ňyza ýa-da beýleki maşgala agzalaryňyza jaň etmegini, habarlaşmagyny, golaýlaşmagyny ýa-da zyýan ýetirmegini gadagan edip bilýär. Eger-de sizi kemsiden adam gorag orderiniň şertlerini bozýan bolsa, onda siz ony tussag edip biljek polisiýa ýüz tutup bilersiňiz. Gorag orderiniň berilmegine arzany kazyýetleriň, polisiýa bölümleriniň, zenan penahanalarynyň we hukuk gulluklarynyň köpüsinde berip bilersiňiz.

Eger-de sizi kemsiden adam sizi jenaýatda günäkärleýän bolsa, siziň immigrasion statusyňyza ýa-da raýatlygyňyza garamazdan siziň esasy hukuklaryňyz bardyr, şol sanda: aklawjy bilen gürleşmek hukugy, aklawjysyz soraglara jogap bermezlik hukugy, özüňi gorap gürlemek hukugy. Hem immigrasion aklawjysy hem-de jenaýat aklawjysy bilen gürleşmek wajypdyr.

**Amerikanyň Birleşen Ştatlarynda maşgala we jynsy zorlugynyň pidalary üçin haýsy gulluklar bar?**

Amerikanyň Birleşen Ştatlarynda jenaýatyň pidalary, olaryň immigrasion statusyna ýa-da raýatlygnyna garamazdan, döwlet ýa-da döwete degişli däl guramalaryň hyzmatlaryndan peýdalanyp biler. Bu hyzmatlaryň arasynda maslahatlar, terjimeçiler, gyssagly ýaşaýyş jaýy we hatda pul kömegi bolup biler.

Aşakda berlen milli telefon belgilerinde ýa-da “gyzgyn belgilerde” pidalara gije-gündiz mugt kömek bermeklige türgenleşdirilen operatorlar işleýär. Terjimeçiler elýeterli bolup, bu telefon belgileri arkaly siziň sebitiňizde pidalar üçin bar bolan beýleki mugt hyzmatlar, şol sanda adatdan daşary ýagdaýlarda ýaşaýyş jaýynyň berilmegi, lukmançylyk hyzmaty, maslahatlar we hukuk maslahatlary bilen habarlaşyp bilersiňiz. Eger-de siziň aklawja pul tölemäge ýagdaýyňyz bolmasa, onda siz jenaýatyň ýa-da maşgala zorlugynyň pidasy bolan immigrantlar üçin mugt ýa-da gymmat bomadyk hukuk kömegine dalaş edip bilersiňiz.

Maşgala zorlugy boýunça Milli
Gyzgyn belgisi
1-800-799-SAFE (1-800-799-7233)
1-800-787-3224 (TTY)
www.ndvh.org

Jynsy zorluklar, gödek daralmak we insest torunyň
Jynsy zorluk boýunça Milli gyzgyn belgisi (RAINN)
1-800-656-HOPE (1-800-656-4673)
www.rainn.org

Ýiten we ekspluatasiýa edilýän çagalar boýunça milli merkez
1-800-THE-LOST (1-800-843-5678)
www.missingkids.com

Jenaýat pidalarynyň Milli Merkezi
1-800-FYI-CALL (1-800-394-2255)
1-800-211-7996 (TTY)
www.ncvc.org

BELLIK: Bu guramalaryň esasy wezipesi howpsuzlyk we gorag.

**Eger-de men maşgala zorlugynyň, jynsy zorlugyň ýa-da başga bir jenaýatyň pidasy bolsam, haýsy immigrasion mümkinçilikler meniň üçin elýeterlidir?**

Maşgala zorlugynyň, jynsy zorlugyň we käbir beýleki aýratyn jenaýatlaryň pidasy bolan immigrantlaryň özi we çagasy(lary) üçin kanuny immigrasion statusyny almak üçin ýüz tutup biljek üç usuly bar. Pidanyň arzasy konfidensial bolup, arza hakda hiç kime, şol sanda kemsidijä, jenaýatça ýa-da maşagala agzasyna siziň arza berendigiňiz barada habar berilmez.

- Zenanlar babatyndaky zorluk barada Kanuna (VAWA) laýyklykda kanuny status barada özbaşdak petisiýa.
- VAWA kanunyna laýyklykda yzyna iberilmegiň ýatyrylmagy
- “U-nonimmigrant” statusy (jenaýat pidalary)

Şu immigrasion mümkinçilikleriniň her biriniň kesgitlenmesi gerek bolan belli talaplary bardyr. Şu immigrasion mümkinçilikleriniň her biriniň nädip size täsir ýa-da kömek edip biljekdigini bilmek üçin maşgala zorlugynyň pidalary bilen işleşýän immigrasion aklawjysy bilen maslahatlaşyň.

**Maşgala esasyndaky immigrasiýa nähili işleýär?**

Maşgala esasly immigrasiýa Amerikanyň Birleşen Ştatlarynda kanuny immigrasion statusyny hem-de wagtyň geçmegi bilen raýatlyk almak üçin öz içine birnäçe ädimi alýar. Bu ädimler siziň Amerikanyň Birleşen Ştatlaryna gelmek üçin alan nika wizasynyň görnüşine we beýleki şertlere baglydyr. Indiki maglumat, şol wizalaryň käbirleriniň görnüşleri barada syn, şeýle hem siziň kanuny hukuklaryňyz barada maglumat berýär.

*K-1 nonimmigrant status* (Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň raýatyna öýlenýän/durmuşa çykýan): Siz geleniňizden soňra, 90 günüň dowamynda Amerikanyň Birleşen Ştatynyň raýaty bilen nikalaşmaly ýa-da yzyňyza gaýtmaly. Siziň adyňyzdan ýüz tutan Amerikanyň Birleşen Ştatynyň raýaty bilen nikalaşanyňyzdan soňra, siz hemişelik ýaşaýan ýeriňizi hasaba aldyrmak ýa-da statusyňyzy üýtgetmek (I-485 görnüşi) üçin arza bermeli. Siziň I-485 görnüşiňiz tassyklanan ýagdaýynda, siziň statusyňyz immigrant däl K statusyndan Şertleýin hemişelik ýaşaýjy statusyna üýtgediler. Bu şertleýin status size iki ýyllyk berler.

Eger-de siz K-1 wizaňyz üçin ýüz tutan ABŞ-nyň raýaty bilen nikalaşmasaňyz ýa-da başga biri bilen nikalaşsaňyz, size berlen wizanyň düzgünlerini bozdugyňyz bolar, kanuny statusyňyz ýatyrylar we yzyňyza gaýtarylmak işleriniň geçirilmegine ýa-da beýleki jeza çäreleriniň ulanylmagyna degişli bolarsyňyz.

*K-3 nonimmigrant status* (Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň raýatynyň ýanýoldaşy hökmünde): Maşgala esasly wiza ýüz tutmaňyz (I-130) tassyklanýan döwründe siziň Amerikanyň Birleşen Ştatlaryna wagtlaýyn gelmegiňize rugsat berilýär. I-130 tassyklananyndan soňra, size kanuny hemişelik ýaşamaga (green card) hukuk berler we hemişelik ýaşaýan ýeriňiziň hasaba alynmagy ýa-da statusyňyzyň üýtgedilmegi üçin arza (I-485 görnüş) bermeli bolarsyňyz.

Nika esasyndaky beýleki immigrasion statusyny alanlara, ABŞ-nyň konsullygynda berilýän maglumaty öwrenmekligi maslahat berilýär. Goşmaça maglumat http://www.uscis.gov web sahypasyna elýeter bolup biler.

**Nika galpçylygy üçin nähili jeza berilýär?**
Nika galpçylygyny eden immigrantlar yzyna gaýtarylmaga degişli bolup biler we geljekde Amerikanyň Birleşen Ştatlaryna immigrasiýa etmek mümkinçiliklerinden mahrum edilip bilner. Nika galpçylygy üçin kazyýet jogapkärçiligi bäş (5) ýyl azatlykdan mahrum edilmeklige hem-de 250 000 ABŞ dollary möçberinde jeza salynmagyna getirip biler.

**Menniň adymdam immigrasion resminamalary tabşyran ABŞ-nyň raýaty bilen nikalaşan bolsam, meniň immigrasion statusym näme?**
Siziň I-485 görnüşiňiz tassyklanandan soňra nikaňyzyň möhleti 2 ýyddan az bolsa, size USCIS tarapyndan şertleýin ýaşaýjy statusy berler. Siziň şertleýin ýaşamagyňyza iki ýyl bolmagyna togsan (90) gün galanynda, kada laýyklykda siz we siziň ýanýoldaşyňyz bilelikde siziň kanuny ýaşamagyňyzyň şertlerini aýyrmak barada arza bermeli. Munuň üçin siz, nikaňyzyň "akýüreklidigini" we hakykydygyny subut etmelisiňiz. Şertler ýatyrylan badyna, size ýanýoldaşyňyza bagly bolmadyk hemişelik ýaşaýyş rugsady berler.

Siziň I-485 görnüşiňiz tassyklanandan soňra nikaňyzyň möhleti 2 ýyddan geçen bolsa, size USCIS tarapyndan hemişelik ýaşaýjy statusy berler. Şol günden başlap, siz immigrasion status üçin ABŞ-nyň raýaty bolan ýanýoldaşyňyza bagly bolmarsyňyz.

Üç ýagdaýda kanun şertleýin ýaşaýjylaryň şertleriniň aýrylmagy üçin ýüz tutujynyň ýanýoldaşy bilen bilelikde arza tabşyrmagyndan ýüz öwürmegine rugsat berýär. 1) şertleýin ýaşaýjynyň ABŞ-dan yzyna gaýtarylmagy adatdan daşary kynçylyklaryň ýüze çykmagyna sebäp bolar; ÝA-DA 2) Ölümden başga ýagdaýda, nika kanuny esasda ýatyryldy we ýüz tutujy özüniň şertli statusynyň ýatyrylmagyna öz wagtynda berilmezliginde günäsi ýok;
ÝA-DA 3) Nikanyň dowamynda ABŞ-nyň raýaty ýa-da kanuny hemişelik ýaşaýjysy bolan ýanýoldaş şertleýin ýaşaýjyny urdy ýa-da oňa garşy adatdan daşary zorluk saldy. Ýüz öwürmäniň üçüsi üçin hem I-751 görnüşi bilen ýüz tutulýar we siziň nikaňyzyň "akýürekli" we galpçylyk häsiýete eýe bolmadygyny subut etmegiňizi talap edýär.

**ABŞ-nyň Hökümeti başga haýsy usullar bilen daşary ýurtly öýlenýän ýigitleri/durmuşa çykýan gyzlary we ýanýoldaşlary özleriniň hukuklary barada habardar edýär we olary hem-de olaryň çagalaryny zorlukly gatnaşyklardan nädip goraýar?**
2005-nji ýylyň Halkara Nika Araçylygyny Kadalaşdyrmak Kanuny (IMBRA) – bu daşary ýurtly öýlenýän ýigitlere/durmuşa çykýan gyzlara we ýanýoldaşlara kömek etmek üçin Amerikanyň Birleşen Ştatlarynda nika esasynda immigrasiýany üýtgeden kanundyr. IMBRA ABŞ-nyň Hökümetini daşary ýurtly öýlenýän ýigitlere/durmuşa çykýan gyzlara we ýanýoldaşlara maglumat bermäge we olara wiza alýan partnýorlary tarapyndan zorluk salynmagyndan goramak üçin özbaşdak kömek serişdelerini bermäge mejbur edýändir.

IMBRA siziň Amerikanyň Birleşen Ştatlarynda zorluga sezewar bolan ýagdaýyňyzda size kömek edip biljek kanunlar we hyzmatlar barada habardar bolmagyňyz üçin şu kitapçanyň taýýarlanylmagyny we ýaýradylmagyny talap edýär. ABŞ-nyň raýatlary geçmişde zorlukly hereket eden bolsalar, IMBRA bu raýatlaryň daşary ýurtly öýlenýän ýigitlere/durmuşa çykýan gyzlara köpgezeklik wiza alyp bermeklerini gadagan edýär. IMBRA ABŞ-nyň Hökümetiniň daşary ýurtly öýlenýän ýigitlere/durmuşa çykýan gyzlara, USCIS tarapyndan hemaýatkärlik edýän ABŞ-nyň raýatlary babatynda geçirýän kazyýet jogapkärçiliginiň barlygy/ýoklugy barlagynyň hem-de wiza almak üçin beren arzasynyň göçürmesini görkezilmegini talap edýär.

**ABŞ-nyň Hökümeti "Halkara Nika Araçylygyny" nädip kadalaşdyrýar?**
Eger-de agentlik "halkara nika araçysy" hökmünde hereket edýän bolsa, ol siz bilen habarlaşmak isleýän ABŞ-nyň raýaty bolan müşderisi hakynda maglumat bermelidir, şol sanda jynsy jenaýatçylaryň federal we döwet sanawlarynda bar bolan maglumatlaryny, şeýle hem, siziň aragatnaşyk maglumatlaryňyzy ABŞ-daky müşderisine bermezden, sizden ýazgyly rugsat almalydyr. Agentlik size şu kitapçanyň nusgasyny bermelidir. Eger-de siziň 18 ýaşyňyz dolmadyk bolsa siz bilen iş salyşmagy gadagandyr.

**Men ABŞ-nyň raýaty bolan öýlenýän ýigidiň/durmuşa çykýan gyzyň jenaýatçylyk geçmişi barada berlen maglumata ynam edip bilerinmi?**
Agentlik tarapyndan ýygnalan jenaýatçylykly geçmiş barada maglumat dürli umumy elýeter çeşmelerden, şeýle hem ABŞ-nyň raýaty bolan müşderileriň immigrasion ýüz tutmalaryndan ýygnanýar. Amerikanyň Birleşen Ştatlarynda bar bolan geçmişdäki jenaýatçylyk gorlarynyň ählisi USCIS üçin elýeterli **däldir.** Hemaýatkärlik edýän ABŞ-nyň raýaty özüniň ýüz tutmasynda ýalan sözläp biler. Şeýlede, ABŞ-nyň raýaty zorlukly hereket eden bolup, ýöne kazyýet jogapkärçiligine çekilmedik bolup biler.
Şonuň üçin, geçmiş jenaýatlar barada alan maglumatyňyz doly däl bolup biler. IMBRA-nyň maksady immigrasiýa edýän öýlenýän ýigitlere/durmuşa çykýan gyzlara we ýanýoldaşlara elýeter bolan maglumatlaryň we çeşmeleriň berilmegidir. Ahyr soňunda, özüňizi gatnaşyklarda howpsuz duýmagyňyz baradaky aljak kararyňyza özüňiz jogapkärçilik çekýärsiňiz.

**Maşgala zorlugynyň pidasy bolan daşary ýurtly öýlenýän ýigidiň/durmuşa çykýan gyzyň ýa-da ýanýoldaşyň, şol bir bada adam söwdasynyň pidasy hem bolup bilermi?**
Ekspluatasiýanyň beýleki görnüşleri, şol sanda adam söwdasy ekspluatasiýanyň güýç ulanylyp ýa-da zorlukly zähmet, hyzmatlar ýa-da täjirçilik maksatly jynsy hereketler bilen bagly bolanda maşgala zorlugy bilen bilelikde ýüze çykýan ýagdaýlary bolýar.

Adam söwdasy babatynda kömek şu ýerde elýeter bolup biler:
Adam Söwdasyna Garşy göreşmek boýunça maglumat merkezi
1-888-373-7888
(günde 24 sagat, hepdede 7gün)
www.acf.hhs.gov/trafficking

ABŞ-nyň Ýustisiýa ministrliginiň Adam söwdasyna we işgärleriň ekspluatasiýasyna garşy göreşmek boýunça Maksatlaýyn toparyň gyzgyn belgisi
1-888-428-7581
(Duşenbe - Anna, 9:00-17:00)
www.usdoj.gov/crt/crim/tpwetf.php

Has köp maglumat biziň web sahypamyzda ýa-da aşakda berlen mugt jaň edip bolýan telefon belgisi arkaly elýeterdir.

**USCIS Umumy Maglumat**
Amerikanyň Birleşen Ştatlarynda telefon-awtomatdan mugt jaň etmek üçin belgi:
**1-800-870-3676** ýa-da

Biziň web sahypamyzy açyň:
http://www.uscis.gov